# Türkmeniñ sözi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Türkmeniñ sözi TÜRKMENIÑ SÖZI

Ir döwürde birnäçe türkmen gepleşik geçirmek üçin ilerki hanlaryñ biriniñ ýanyna baran. Sapar şowly bolup, olaryñ işi bitipdir: geleşige gelnipdir. Soñra han türkmenleriñ baştutanyndan geleşigiñ üstünde durjakdygyny tassyklap, ant içmegini talap edipdir. Bu talaby eşidip, gaharyna bäs gelip bilmedik türkmeniñ duran ýerinde takga jany çykypdyr.
Bolan işe geñ galan ilerki han: ”Siziñ serdaryñyza näme boldy? Nämüçin ol duran ýerinde jan berdi? Meniñ oña artykmaç diýen zadym ýok, bary diýenim: sözümde durjaklygyma men ant içdim, senem ant iç diýdim” diýipdir.
Şonda türkmen serdarynyñ ýany bilen baran egindeşleri oña şeýle jogap beripdirler: ”Bizde diñe öz sözüniñ üstünde durmaýan, gaýraty pes adamlara zor bilen ant içirilýär. Ant içmek gaýratly türkmene ýaraşmaz. Türkmeniñ sözi – antydyr.”
Tymsal görnüşli bu gürrüñi men 1965-nji ýylyñ tomsunda, entek 9-10 ýaşly oglankam, şol döwürde 80-90 ýaşan ak sakgally gojalardan eşidipdim…

- **SÖZI – ANTDYR TÜRKMENIÑ**

*«Türkmene ant iç diýlende, ol namysdan ölüpdir.*
*Türkmeniñ sözi – antydyr…»*
***Aksakgallaryñ gürrüñinden.***

Jeýhun-Hazar arasy –
Ýüregimiñ ýarasy.
Ak günler öñde kändir,
Başymyzda garasy.

Namart eli öpüldi,
Ýol-ýodalar ýapyldy,
Saýrady bigaýratlar,

Akly bolan gapyldy.

Bir pul boldy namys-ar,
Goñşy goñşudan bizar,
Açgözlerde – jübüt köşk,
Merdiñ öýi boldy dar.

Görüp iliñ niçesi,
Geldi mundan gaçasy,
Binamysa – günde toý,
Çola merdiñ köçesi.

Bagrym garaldy dertden,
Ýumruk degdi sag-çepden,
Ar-namys ara açdy,
Oba göçdi edepden.

Bedew atlañ ýalyna,
Gözüm gyýmaz halyna.
Türkmeniñ maly döndi
Dul heleýiñ malyna!

Egsik menzil geçildi,
Abraýdan gaçyldy.
Sözi – antdy türkmeniñ,
Her gün kasam içildi!

Öýden çykdym utana,
Janym gurban Watana!
Uzak ýolda meñzedim
Ýolda Güni batana.

Akmuhammet WELSAPAR. Goşgular